# Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasy göz-görtele ýalan sözledi!

Category: Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 23 января, 2025
Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasy göz-görtele ýalan sözledi!
BÜTINDÜNÝÄ SAGLYGY GORAÝYŞ GURAMASY GÖZ-GÖRTELE ÝALAN SÖZLEDI!

Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy (BSGG) adyna mynasyp ynamly halkara guramasy bolup bilmeýändigini görkezýän kemçilikleri goýberýär. Meselem, BSGG koronawirus bejergisinde ulanylan "remdesiwir" (код разработки GS-5734) atly antiwiral dermanyň ilkinji kliniki synaglatynda şowsuzlyga uçrandygy baradaky pudaklaýyn habar beriş serişdelerinde habar berildi, yzyndanam berlen habar gürüm-jürüm edildi!
Habarda Hytaýda koronawirusa ýolugan 237 näsagda synag edilen dermanyň näsaglara hiç hili peýda etmändigini we gan aýlanyş sistemasyndaky patogenleriň barlygyny azaltmandygy aýdylýardy.
Dermany öndüriji «Amerikan Gilead Sciences» şereketi bolsa geçirilen synaglaryň ýalňyş habar berilendigini aýtdy welin, BSGG "ýalňyşlyk bilen habar berildi" diýdi-de, beren habarlaryny ýaýlymdan öçürdi.
(Şol derman Türkiýede-de ulanylýar).
Ýüze çykan ýagdaý BSGG-nyň güýçli derman şereketleriniň gysajyndaky guramadygyny ýene bir gezek subut etdi.

* * *

Mundan öňem BSGG-nyň epidemologiýa gullugynuň direktory professor Ulrih Keýl "Doňuz dümewi – derman şereketleri bilen bilelikde öndürilen gorky kampaniýasydy" diýipdi.
Gowur turuzan bu çykyş häzir ýapylan «Watan» («Vatan») gazetinde şeýle seslenme döredipdi:
BSGG-nyň direktiwalaryndan ugur alyp ýöredilen dünýä

möçberindäki waksina kampaniýalaryna we milliardlarça dollara barabar waksinadyr derman aksiýalaryna garamazdan “Siziň bu edip duran zadyňyz ýalňyş!” diýen käbir alymlary ilkibada ýazgaran boldular.
Emma soňky döwürde keseliň düýbünden ýok diýerlik derejede azalyp gitmegi we ölüm wakalarynyň adaty dümew ölamleriniň sanyndanam az bolmagy sözi diňlenýän alymlaryňam kem-kemden “doňuz dümewi gereginden artyk howatyrlanmady” diýen alymlaryň sözüni makullamagyna sebäp boldy.

* * *

Ýewropa sowetinde bu mesele boýunça geçirilen ýygnanşykda çykyş eden BSGG-nyň epidemologiýa gullugynyň direktory professor Ulrih Keýl “Doňuz dümewi epidemiýasy derman öndüriji şereketleriň girdejilerini artdyrmak maksady bilen bilelikde ýörite taýýarlanan gorky kampaniýasydy” diýdi.
Professor Keýl “BSGG-nyň guş dümewi we SARS ýaly meselelerde-de ähli eden çaklamalary ýalňyş çykdy. Jemgyýetçilik saglygyny gyzyklanýandyrýan çözgüdine garaşýan onlarça meselämiz barka, doňuz dümewi boýunça halkyň howsala düşmegine sebäp bolduk we bu boýdan-baş çişirilen gorkudan ybaratdy. BSGG-nyň kabul eden kararlary ýurtlaryň saglyk býužetlerine ummasyz uly ýük getirdi. Adamlaryň ölümine sebäp bolan iň esasy täsirleriň gipertansion, çilim, ýokary holesterol, aşa semizlik, maşk etmezlik, ir-iýmişleriň we gök önümleriň azlyk etmegi ýaly zatlardygyny biz gowy bilýäris. Hökümetler BSGG-nyň çözgütlerine eýerip bu ugurlara maý goýumlaryny goýmagyň deregine, yklymara epidemiýanyň ýaýrajakdygy baradaky çaklamalaryň juda tutaryksyzdygyna garamazdan, doňuz dümerine garşy pul ýatyrmaga mejbur edildi” diýdi.

## ■ Iki gowy habar…

Bu ýakymsyz habarlara garamazdan Türkiýeden we Päkistandan gelip gowşan iki ýakymly habar bar.
Päkistanyň Dow uniwersitetiniň ylmy-barlaglar topary 2020-nji ýylyň martynda koronawirusa ýoluganlaryň ilkinji gan barlagyny

geçirdi we antikorlary himiki taýdan izolorledi, saplaşdyrdy we has soňra bu antikorlary ultrafiltrasiýa tilsimini ulanyp konsentrirledi.

Bu boýunça mälim edilen habarda “Iş alnyp barylýarka ähli plazmadan ötri saplaşdyrylan antikorlar ullanyldy. Bejergi plazma proteinleri, potansial bakterial we wiral patogenler ýaly ganyň talap etmeýän komponentlerini saklamaýandygy üçin plazma transfuziýasyndan has ynamly we has täsirli hasaplanýar. Bular ýaly saplaşdyrylan antikorlar tetanoz, guduz, dümew we gepatit ýaly kesellere garşy yklymara söwda dolanşygynda bardyr. Hut şol strategiýa MERS, SARS we EBOLA ýaly beýleki wiral epidemiýalaryň ýaýran wagtynda hem täsirli şekilde ulanylypdy” diýildi.

Türkiýede-de professor Erjüment Owaly we onuň topary sekiz aýry näsagdan alynan plazmalardan gan topary näçedigine garamazdan hemmelere ulanyp boljak antikor taýýarlandyklaryny mälim etdiler.

Arslan BULUT,
arslanbulut@yenicaggazetesi.com.tr

25.04.2020 ý, «YENIÇAG» gazeti.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniň talyby. Medisina